# Täze harabalar / «Güm bolsana!..»

Category: Kitapcy,Romanlar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Täze harabalar / "Güm bolsana!.." **8. «Güm bolsana!..»**

Ajap garaňky düşende ärini idekläp, palçynyň öýüne gitdi. Meňli bilen eýýäm gepleşmäge ýetişen ekeni.
– Oglan, ynanmazlyk etme, hyýalyňa-da getirme, içiňdäkini bilip oturandyr. Eşidäňmi meň diýýänimi?
– Eşidýän, how, eşidýän…
Uly tamdan sowaşyk salnan täze jaýyň eýwanyna girdiler. Içki diwarda iki gapy bar, ikisi-de demirden. Ajap düýpdäki gapynyň öňünde saklandy.
– Garaşyp otyr saňa.
– Sen girjek dälmi?
– Meň geregim Ýok, öýde garaşjak.
– Näm bolanyny aýdansyň-a?
– Aýdylmasa-da bilýändir.
– Bir zat bermelidir-ä, mugt pal atanoklar.
– Sen ony alada etme… Ýaýdanmasana, diş sogurtmaga geleňog-a!
Gapyny açanda, salkyn howa Batyryň ýüzüne urdy, duhuň ysyny aldy. Giň otagyň ortasynda ýeke oturan Meňlini gördi.
– Salawmaleýkim…
Meňliden jogap bolmady, ýüzünem galdyrmady. Başyna sary öýme atypdyr, gyrasy gaşlaryna düşüp dur. Burny görünýär, ýas ýerinde başatgyjyny çümre bürenip oturan aýal ýaly. Aýbogdaşyny gurup, arkaýyn oturşynda gözilginç wajyplyk bar. «Bolan boluşyny…» Batyr dilini dişledi. Eger ol içiňdäkini bilýän bolsa, şu wagt bir zat diýmeli: maňa göwnüýetmezlik etjek bolýarmyň diýmeli, diýmedi. öňünde gysby goýlan, boýy bir garyş ýazgyn stoluň erňegi dyzlaryna degip dur. Otagyň içine tutuş haly ýazlan, diwarlaryň ýüzi ýalaňaç, iki penjire-de tuty bilen ýapylan, yş görnenok, gapyň depesinde spilit sowuk howa üfleýär. Içerde uly-kiçi ýeke mebel Ýok, gap-gaç,

çäýnek-käse, telewizor, asyl, öýlerdäki adaty goşuň ýekesini-de görmedi, ne surat, ne-de başga hili bezeg bar. Bu ýerde ýörite bir many bolmaly. Meňliniň bolup oturşy-da syrly manydan ugur alýan bolmaly.

— Geç, otur.

Meňli eli bilen oturmaly ýeri görkezdi. Batyr edil garşysynda çökdi. Meňliniň wajyplygy oýna meňzeýär diýseň-de boljak. Görä, kellesine gelýän pikirleri!.. Mele mugallyma äre baran bolsa, palçy bolarmydy? Bu sowal Meňlä ýaramaz, ýaramajagyny bilýän bolsaň, duýmanka kelläňden çykar. Ünsüni sowara zat gözleýär. Stola ýazlan gök begres örtüge seredýär. Şu reňkdäki begresden Ajap çabyt tikdirdi. Arzan düşmedi. Meňliňem paly mugt atmaýany belli… Beh, nädende pikirini Meňliden sowup biler?.. Suratyny berip, Ajaba özüň git diýen bolsady, häzir öýde garaşyp oturardy. «Geleniňe ökünýän bolsaň, tur, gidiber»… Meňliden şu söze garaşdy… Begrese matjidiň şekili urlupdyr, minaralary sanady: bir, iki, üç, dört. Stoluň sag gyrasynda ak düwünçek ýatyr, içinde näme barka? Duz bolmaly, duzda keramat bar diýilýär. Duzdan bärde aşykdan ulurak ak daş, suwly diýilýän dury daş, çakmak daşy. Kükürt Ýok mahaly daşdan ot alypdyrlar. Iki daşy çakyşdyrsaň syçrap ot çykýar. Otda-da keramat bar. Çep gyrada düwmeleri ýaldyrawuk tesbi ýatyr. Tesbini bazarda-da satyp otyrlar, ýöne Meňli Mekgeden getirlen tesbini goýandyr, keramat Ýokmadyk zady goýmaz. Batyryň golaý ýanynda düe ýüňünden örülen doga bagy goýlan.

Meňli gabagyny galdyrman gep atdy:

— Aýdyp otyr, eşideýin.

— Hä,.. Ajap aýdandyr-a.

— Näm üçin Ajap aýtmaly? Prawaňy ogurladan Ajap däl-ä.

— özüm.

— özüň ogurladan bolsaň, özüň aýt.

— Şähere bardym, maşyny köçede goýup, dükana girdim, eglenmänem çykdym, girenim-çykanym bäş minudam Ýok, gapyny gulplajagam bolmandyryn. Beteri, gapjygymy maşynda goýup gidipdirin-laý, prawamam gapjygyň içindedi. Ondan öň prawamy gapjaga salan adam däl-ä men, hudaý tutdy diýäýmeli.

— Içgilimidiň?

– Nätdiň-aý, Meňli, içgili maşyn süren adam däl, how, men!
– Gapjygy maşynda goýanyňy anyk bilýäňmi?
– Bilýän… – Aýdanyna şübhe eden ýaly birden kürtdürdi.
– Nirede goýanyň anyk göz öňüňe gelýä gerek?
– Oturgyjyň,.. sidenýäň üstünde goýandyryn, başga nirede goýaýyn?
– Menden sorama, özüňden sora. Oturgyjyň üstünde ýatan gapjyk göz öňüne gelýändir-ä?
– Seretmändirin… seretmesemem bilýän-dä. Başga nirede ýatsyn?!
– Näm üçin gapjygy jübüňe salmadyň?
– Salmandyryn-da… Adam bolmadyk mahaly gapdalyma taşlaýýan.
– Şu günem şeýdeniň ýadyňdamy?
– Ýanymda adam Ýokdy, taşlandyryn…
– Sähelçe şübhe edýän bolsaň aýt, bilemok diý.
– Nätdiň-aý muny, aljyradyp barýaň, how!..
– Seň diliňden çekýän Ýok.
– Gapjygymy alman şähere gidibilmen-ä! Gapjykda pulum, prawam bardy.
– Gidipsiň-ä.
– Hawa, gitdim, gapjygymyň Ýokdugyny bilsem gitmezdim. Pulsuz şäherde görüm gazylypmy!.. Meňli, sen sülçi bolup işleýän-ä dälsiň.
– Sülçüler meň ýanyma gelýär.
– Olaň prawasyny ogurlajak Ýokdur-laý.
– Başga-da ogurlara zat gyt däl. Biri geldi, aýalynyň altyn guşagyny ogurlapdyrlar, öýünden.
– Bäh, kim ogurlan ekeni, bildiňmi?
– Bilip ber diýip gelensoň bilmeli borun-da.
– Sülçüň öýünden altyn guşak ogurlan adamy zor görmeli, halal diýäýmeli.
– Garyndaşynyň eden işi.
– Garyndaşyny basdyrar öýdýäňmi?
– Türmede öler öýdüp gorkýar.
– Sen näme diýdiň?
– Menden soraýan Ýok.
– Soralsa aýdarmyň?
– Kimiň sorajagyna bagly.

— Ynha, men soradym-da.
— Aýtman, ol seň işiň däl.
Meňli ýeke gezegem Batyryň ýüzüne garamady. Ýene bir sowal Batyryň diline geldi: palçy soraman bilmeli däl-maý? Diýjekdi, çekindi. Meňliniň gözilginç arkaýynlygyndan: oglan, sen kim? Bolgusyzja prawa üçin ýaga düşüp ýören adam-a sen diýen many aldy, kemsindi.
Meňli artykmaçlygyny mazamlaýan arkaýynlyk bilen aşakdan oýnalýan kart çykardy. Ýaldyraşyp duran täzeje kartlar. Bu kartda Batyr «durakadan» başga oýun bilenok.
Meňli kartlary hatar goýup başlady.
— Meňli, men bir zat sorajak.
— Iki zat sora.
— Sen pal atyp, adamlaň täleýini aýdyp bilýäň diýýäler?
— Il agzyny bogup bilmen-ä, diýsinler.
— Bir gyz ýanyňa gelip: men iki oglany söýýän, birini hasam beter söýýän, şolaryň haýsysy baý bolýar, men baý boljak oglana barjak diýipdir, dogrumy şol?
— Men näme diýenmişim?
— Oglanlaň adyny aýt diýipsiň, gyzam: biri Esen, beýlekisi Töre diýipdir. Töre baý bolýar, köşk ýaly telim jaýy, goşa-goşa maşyny, uly mülki, million-million dollary bolýar diýipsiň. Gyz: näm üçin Töre baý bolmaly, näm üçin Esen baý bolmaly däl diýip sorapdyr. Senem: sebäbi sen Esene äre barýaň diýipsiň.
— Meň aýdanym saňa ýaramadymy?
— Ýarady. Eseniň bagtyny ýatyrjagyny duýdurypsyň, ýeňilkelle gyz düşünendir öýdemok.
— Ol öz işi.
Meňli kartlary inine-boýuna dört hatar ýazdy, iki aýasyny olaryň üstüne goýup, gabaklaryny süzüp, bir zatlar okap başlady, okaýanyny dodaklarynyň gymyldysy äşgär etdi. Aýat okaýarmyka? Kart bolan ýerde aýat okap bolmaz-a. Kart oýnalýan zat, pully oýunlar kart bilen oýnalýar. Kart oýnalýan ýerde haramlygam, dawa-jenjelem, ölüm-ýitimem bolýar. Batyr oýnamasa-da bilýär, häli-şindi telewizorda görkezip durlar. Musulmançylyk kart oýnuny unanok, ýazgarýar diýilýär. Onda

Meňli aýat okaman, başga bir zat okaýandyr. Näme okadyň diýmäge çekindi. Dogrusy, Meňliniň wajyp bolan bolşuna gülküsi tutdy. Wajyplygy Ýagmyr molla gaýra dur diýdirjek. Käşgä tanalmaýan bolsa, men saňa beled-ä, Meňli, diýdi. Mele mugallym bilen söýüşýär diýip, ile dolduň. Dükanda nähili satyjy bolanyňam aýdybiljek. Bir gezek iki kilo kolbasa aldym, sen çekip beripdiň, ele ýeňil ýaly, öe ýetip çekip gördüm, iki ýüz gram kem beripsiň… Edil şu ýerde Meňli gözlerini tegeläp oňa seretdi, Batyr tisgindi. Aňdy öýdýän, aňan bolsa, Batyry ýigrener, dogrusyny aýtmaz, aldar goýberer.
Meňli kartlary düýrledi, tur, gidiber diýer öýtdi, hernä, diýmedi. Ýene kartlary ýazdy, ýene düýrledi. Meňliň bolşy nähilaý, gaharyny kartlardan çykarjak bolýan ýaly-laý…
Soňra kartlary topbagy bilen Batyra somlady.
— Birini çek-diýdi, azymly diýdi.
— Niresinden çekeýin?
— Parhy Ýok. Alan kartyňa seretme, maňa gaýtar.
— Ine, gaýtardym, me…
Meňli karty bir gyra goýdy, gözlerini süzdi, uka giden ýaly gymyldaman esli oturdy, gabaklaryny galdyrman:
— Gapjygy ogurlan şu obaň adamy däl—diýdi.
— Ony özümem bilýän.
— Bilgiç bolsaň bäri gelmeli däl ekeniň.
— Bi obaň adamy şähere baryp, meň gapjygymy ogurlamaz-a, belli zad-a! Bolýa-bolýa, men geplemäýin, seni diňläýin.
Meňli ara berip, öňki bolşuna dolandy, kartdan gözüni aýyrmady.
— Şäheriň alkaşlaryndan, egni-başy eleşan, boýy çiňňirik ýaly, sähelçe öwüsgine egrelip dur. Maşyndan çykaňda seni gördi, bäş-üç manat pul dilejek. Seni tananok, tanamasa-da dükandan dolanyp gelýänçäň garaşjak ekeni, pul berjegiňe ynamy bar. Maşyna golaý baryp durdy, maşynda gapjygyň ýatanyny gördi. Niýetini ýamana dikýär. Gapyny açjagam bolmady, aýna açyk dur, elini uzadyp, oturgyjyň üstünde ýatan gapjygy alyp, sumat boldy, ýöne uzak gitmän, gapdal köçä sowlup durdy-da gapjagy açdy, puly aldy, köp pulam däl.
— Azam däl, ýigrimi manat!

– Prawaň oňa geregi Ýok, ýöne saňa görünmäge gorkýar, ony görensiň öýdýär.
– Wah-eý, onuň ýaly yşaratyň duranyny gören bolsadym, gapyny gulplaman bir ädim ätjek däl-ä!
– Prawaňy gaýtarmagyň uguryny tapman ýör.
Batyr arman bilen başyny ýaýkady.
– Prawamy gaýtarsa, ogurlapsyň diýjek däl, gapjykdaky puldan iki-üç esse artyk pul berjek.
– Seň niýetiňi bilenok, «ogry göti gowşak», gözüňe ilmejek bolýar.
– Meň niýetimi oňa duýduryp bolanokmy? Bolmasa, ýaşaýan ýerini aýt, o-da juda kyn bolsa, adyny aýdaý. Üsti-başyny, sypatyny aýtdyň-a, adynam aýdyp bolar-a.
– Adyndan saňa peýda Ýok, oň gapjygy alanyny gören Ýok, men ogurlamok diýer, töhmet atýaň diýip, ýakaňdan tutar.
– Töhmet atamok, pul berjek, prawamy gaýtar diýjek.
– Ynanmaz, tutdurjak bolýansyň öýder. Seň etmeli işiň başga.
– Näme et diýseň, men taýyn.
– Ertir git-de, maşynyňy şu günki goýan ýeriňde goý.
– Bolýa! Ertir barybir şo dükandan kepek alyp gaýtmaly. Ertir goýsam, tapylýa gerek?
– Niýeti prawaňy gaýtarmak, maşynyňy belläpdir.
– Warak «Niwany» bir gören ýadyndan çykarmaz-la.
– Niýetiniň gowulygyna şükür edeli. Edil ertir bolmasa-da, birigün bar, soňky gün bar…
– Onça gün şähere prawasyz baryp bilmen-ä. Ýoldan tapdym diýip, awtoinspektora tabşyrsa-da bolýa.
– Oňa polisiýa ynanmaz, ogurlansyň diýip ýakasyndan tutar. Bolsady ekme-de meň diýenimi et, maşynyňy göze görnäýjek ýerlerde goý, bazarlaň ýany has amatly. Gapysynam, aýnasynam ýapma, prawaňy zyňar gider.
– Belli bir güni aýdyp bileňok-maý, prawasyz Ýola çykmaga gorkýan-how!
– Arkaýn sür, seni saklamazlar.
Meňliniň äheňine ýylylyk aralaşdy, ýüzüni görkezip ýylgyrdy, Batyram ýylgyrdy.
– Meňli, sen nädip palçy bolduň-aý?

– Hä, seňem hyýalyň barmy?
– Ýok-laý, hudaý saklasyn!
– Güm bolsana!..
Meňli kartlary gyssanmaç ýygnady.
– Göwnüňe alma, Meňli, oýun edip diýäýdim.
– Kemini goýmadyň, gidiber.
Ajap äriniň Ýoluna garap oturan ekeni.
– Näme diýdi?
– Güm bol diýdi.
Garaz, soňra düşünişdiler. Ajap prawanyň tapyljagyna ynandy.
– Gör-ä, haram gatamyş ogryň sypatyna çenli aýdypdyr, oraşan görnüp durandyr, her kime başartjak zat däl-ä–diýdi.
Ertesi Batyr maşynyny dükanyň gapdalynda goýdy. Alan kepegini ýük maşyny bilen oba getirdi, şol maşyn bilen hem şähere dolandy. Gün ýaşýança güýmendi. «niwanyň» gapysam, aýnalaram açyk, arman, prawadan derek bolmady. Şäherde bäş bazar bar, warak «niwa» hersiniň golaýynda bir gün durdy, netije bolmady. Batyr gussa batdy.
– Meňli dogrusyny aýdan däldir–diýdi.–Adamyň içindäki pikiri bilýän bolsa, menden gaty görendir, dükandan kolbasa alamda iki ýüz gram kem çekip bereni nirden ýadyňa düşdi diýsene? Ýaman zadyň pikirini etmäýin diýsemem bolmady-da. Ilkä Mele mugallym bilen söýüşeni ýadyma düşdi, Mele mugallym her gün dükana barýardy diýleni üçin dükany ýatlandyryn, Ýogsa, ol mahal dükan kelläme gelmeli däl-ä. Dükan ýadyma düşdügi kolbasanam ýatlaýmaly-da, her kim awunan ýerini ýatlaýar, töhmet etjek bolup ýatlamadym, iki ýüz gram kolbasamy iýeni welin, çyn.
Ajap äriniň kellesini gujagyna gysdy, dulugyndan sypady.
– Başga bir ökde palçyň salgyny aldym – diýdi. Romanlar